# Eý, melek sima ki senden özge haýrandyr saňa…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Eý, melek sima ki senden özge haýrandyr saňa…



Eý, melek sima ki senden özge haýrandyr saňa,
Hak biler, ynsan diýmez her kim, ki ynsandyr saňa.
Bermeýen janyn saňa bolmaz haýaty-jawydan,
Zindeýi-jawyt oňa diýrler ki gurbandyr saňa.

Älemi perwanaýy-şemgi-jemalyň kyldy yşk,
Jany-älem sen, pida her lahza müň jandar saňa.

Aşyga şowkuň-la jan bermek eken, müşgil degil,
Çn mesihi-wagt sen, jan bermek asandyr saňa.

Çykma, ýarym, gijeler, agýar tagnyndan sagyn,
Sen mahy-owjy-melahat sen, bu nogsandyr saňa.

Patyşahym, zulum edip, aşyk saňa zalym diýmiş,
Hup olanlardan ýaman gelmez, bu böhtandyr saňa.

Eý, Fuzuly, huprulardan tagapyldyr ýaman,
Ger jepa hem gelse anlardan bir yhsandyr saňa. Goşgular